# GFR-iň Prezidenti Türkmenistanyň Prezidentine Täze ýyl gutlagyny ýollady

Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Prezidenti Frank-Walter Ştaýnmaýer 2026-njy ýylyň gelmegi mynasybetli Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowa gutlag hatyny iberdi. «Watan» habarlar gepleşiginiň berýän maglumatyna görä, Germaniýanyň döwlet baştutany öz hatynda Türkmenistanyň Prezidentini täze ýyl bilen mähirli gutlap, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

GFR-iň Prezidenti öz gutlagynda Täze ýylda Türkmenistanyň Prezidentine we tutuş türkmen halkyna parahatçylyk, egsilmez bagt hem-de ähli işlerinde uly rowaçlyklaryň ýar bolmagyny diledi. Bu gutlag iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň we özara hormat goýmagyň nobatdaky subutnamasy boldy.

Все права защищены